**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

#52(283)

четверг, 25 декабря 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



# MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISINI GEÇIRDI

**26-njy dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Oňa welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň häkimleri hem gatnaşdylar.**

Döwlet Baştutanymyz mejlisi açyp, Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygyna söz berdi.

Milli parlamentiň ýolbaşçysy, ilki bilen, hormatly Prezidentimizi we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzy ýetip gelýän Täze ýyl bilen deputatlaryň adyndan tüýs ýürekden gutlap, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda 2026-njy ýylyň ýurdumyza uly üstünlikleri we rowaçlyklary getirmegini, döwlet Baştutanymyzyň hem-de Milli Liderimiziň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny arzuw etdi.

Soňra Mejlisiň Başlygy 2026-njy ýylyň şygaryny we nyşanyny kesgitlemek boýunça ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berip, Mejlisiň kararyny we geljek ýylyň nyşanyny hormatly Prezidentimiziň garamagyna hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, ýurdumyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak boýunça ýylyň şygarynyň yglan edilip, nyşanynyň kabul edilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Mejlisiniň agzalarynyň halkymyz bilen bilelikde geljek ýylyň şygaryny hem-de nyşanyny teklip edýändiklerini aýdyp, teklibi makullady hem-de 2026-njy ýylyň şygaryny «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýip yglan etdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanyň daşary syýasatyny has-da işjeňleşdirmek, döwletimiziň halkara giňişlikdäki at-abraýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak maksady bilen, uly işler durmuşa geçirilýär. 2025-nji ýylda amala aşyrylan giň gerimli işler hem munuň aýdyň mysalydyr. Bularyň ählisi Gahryman Arkadagymyzyň köp ýyllaryň dowamynda alyp baran asylly işleriniň häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilýändigini hem-de türkmeniň milli düşünjesine mahsus dowamat-dowam ýörelgesiniň iş ýüzünde amal edilýändigini görkezýär diýip belledi.

Wise-premýer, daşary işler ministri geljek ýylda hem öňde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ähli zerur tagallalary etjekdiklerine ynandyrdy hem-de 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy bilen döwlet Baştutanymyzy hem-de Gahryman Arkadagymyzy mejlise gatnaşyjylaryň adyndan tüýs ýürekden gutlady.

R.Meredow hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen şu ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan örän wajyp halkara resminamalaryň kabul edilendigini aýdyp, ýakynda kabul edilen «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» hem-de «Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag boýunça onýyllygy (2026 — 2035-nji ýyllar)» atly Kararnamalary muňa mysal hökmünde görkezdi. Ol döwlet Baştutanymyzy hem-de türkmen halkyny ýurdumyzyň bu daşary syýasy ýeňşi, şeýle-de ýetip gelýän täze — 2026-njy ýyl bilen tüýs ýürekden gutlady.

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, 2025-nji — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan köpsanly halkara çäreleriň geçirilip, möhüm ähmiýetli resminamalaryň kabul edilendigini belledi. «Ýakynda bolsa ýurdumyza ýene-de bir hoş habar gelip gowuşdy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 64-nji plenar mejlisiniň dowamynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag boýunça onýyllygy» hem-de «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamalar biragyzdan kabul edildi» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Bu başlangyçlary goldan ähli ýurtlara türkmen halkynyň adyndan tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Mejlise gatnaşýan ýolbaşçylara Täze ýylyň baýram edilýän günlerinde ähli gulluklarda nobatçylygyň tertibini ýola goýmagy, baýramçylyk günlerinde jemagat hojalygy, elektrik we suw üpjünçilik gulluklarynyň, bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň bökdençsiz işledilmegini üpjün etmegi tabşyrdy. Döwlet Baştutanymyz bazarlarda we dükanlarda dürli görnüşli harytlaryň bolçulygyny üpjün etmegi, baýramçylyk günlerinde raýatlarymyzyň gowy dynç almagy üçin medeni çykyşlary guramagy, şäherlerde, obalarda jemgyýetçilik ulaglarynyň kadaly gatnamagyny üpjün etmegi, Täze ýyl baýramçylygy günlerinde ähli ýerde tertip-düzgüniň pugta berjaý edilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZ BILEN ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTINIŇ ARASYNDA TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIK

2025-nji 29-njy dekabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi.

Gahryman Arkadagymyz we Özbegistanyň Prezidenti birek-biregi ýetip gelýän täze — 2026-njy ýyl bilen tüýs ýürekden gutlap, iki ýurduň doganlyk halklaryna ösüş hem-de abadançylyk arzuw etdiler. Pursatdan peýdalanyp, Prezident Şawkat Mirziýoýew Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowa mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri telefon arkaly söhbetdeşligi geçirmek başlangyjy üçin Prezident Şawkat Mirziýoýewe minnetdarlyk bildirdi we Täze ýylyň öňüsyrasyndaky bu söhbetdeşlige berk özara dostlugyň nyşany hem-de iň gowy arzuwlary beýan etmek üçin mümkinçilik hökmünde garaýandygyny aýtdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow goňşy ýurduň döwlet Baştutanynyň 26-njy dekabrda Özbegistanyň parlamentine we halkyna ýüzlenmesinde 2026-njy ýyly «Mahalleleri ösdürmek we jemgyýeti özgertmek ýyly» diýip yglan etmeginiň ähmiýetini belledi. Nygtalyşy ýaly, şeýle çözgüdiň kabul edilmegi özbek jemgyýetiniň milli bähbitlerine, zerurlyklaryna we mümkinçiliklerine laýyk gelip, Prezident Şawkat Mirziýoýewiň Özbegistanyň döwlet, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny sazlaşykly ösdürmegi maksat edinýän syýasy ugruny netijeli dowam etdirmäge gönükdirilendir.

Halk Maslahatynyň Başlygy häzirki wagtda Türkmenistanyň hem okgunly ösýändigini aýtdy. Bellenilişi ýaly, Gündogar müçenamasy boýunça geljek ýylyň ýylky ýylydygy bilen baglylykda, Türkmenistanda 2026-njy ýyl «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edildi.

Özbegistanyň Prezidenti hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türk-



menistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlaryny üstünlikli durmuşa geçirýän Prezident Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistanyň okgunly ösüşine ýokary baha berdi.

Gahryman Arkadagymyz maksatlaryň umumylygyny nazara alyp, Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň ugurlaryň giň gerimi boýunça ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Prezident Şawkat Mirziýoýewiň 12-nji dekabrda Aşgabatda geçirilen parahatçylyk we ynanyşmak forumyna gatnaşandygy üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirdi.

Hormatly Arkadagymyz ikitaraplaýyn syýasy-diplomatik gatnaşyklar barada aýdyp, dürli derejedäki özara saparlaryň işjeňleşendigine ünsi çekdi hem-de Özbegistanyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysy Saida Mirziýoýewanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň Türkmenistanda zenanlaryň jemgyýetdäki ornuna bagyşlanyp geçirilen halkara maslahatyň işine gatnaşmagynyň ähmiýetini belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri iki ýurduň diplomatlarynyň halkara ähmiýetli başlangyçlary we teklipleri ilerletmäge gönükdirilen özara gatnaşyklary dowam etdirjekdigine ynam bildirip, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda ýurtlarymyzyň daşary syýasat edaralaryna we ilçihanalaryna möhüm ornuň degişlidigini aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz ýakynda Özbegistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rawşanbek Alimowyň Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanandygyna ünsi çekdi.

Hormatly Arkadagymyz 2026-njy ýylda Türkmenistanda geçirilmegi meýilleşdirilýän Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň, GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň guramaçylyk meseleleri barada durup geçdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bu sammitleriň gün tertibine suw meselesini girizmegiň möhümdigini belläp, Merkezi Aziýa, Aral we Hazar sebitlerinde, Amyderýada suw meselelerini çözmäge gönükdirilen hereketleriň bilelikdäki maksatnamasyny işläp düzmegiň zerurdygyny aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz Prezident Şawkat Söhbetdeşligiň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew birek-biregi ýetip gelýän täze — 2026-njy ýyl bilen ýene-de bir gezek gutlap, berk jan saglyk, bagtyýarlyk, jogapkärli döwlet işlerinde üstünlikleri arzuw etdiler.

# EVENT OF SOCIO-POLITICAL SCOPE ENTITLED «INTERNATIONAL YEAR OF PEACE AND TRUST:

## STEADFAST STEPS OF NEUTRAL TURKMENISTAN» WAS HELD IN ASHGABAT

On 25 December 2025, a socio-political event entitled «International Year of Peace and Trust: Steadfast steps of Neutral Turkmenistan» was held at the «Mekan» Palace in Ashgabat.

The event, organized by the Halk Maslahaty (People's Council) of Turkmenistan, was attended by the members of the government, chiefs and representatives of the diplomatic service of Turkmenistan, as well as diplomatic missions of foreign countries and international organizations accredited in Turkmenistan, and citizens of Turkmenistan.

Before the event, songs and musical compositions by cultural figures and artists were performed.

Then the participants of the ceremony viewed an exhibition dedicated to the cultural heritage of the Turkmen people and the country's achievements during the years of independence.

Welcoming the participants of the celebration, Chief of the Administration Office of the Halk Maslakhaty of Turkmenistan emphasized the importance of the event entitled as the «International Year of Peace and Trust: Steadfast Steps of Neutral Turkmenistan».

It was particularly emphasized that all the work done under the leadership of the esteemed President Serdar Berdimuhamedov during the International Year of Peace and Trust contributed to further strengthening of Turkmenistan's international reputation.

In accordance with the Decree of the President of Turkmenistan, an Organizational State Committee was established under the leadership of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov aimed at hosting the events dedicated to 30th anniversary of Turkmenistan's neutrality and i the framework of the International Year of Peace and Trust at high level.

The significance of the international events that took place in Turkmenistan this year was noted, while the publication of new book of President Serdar Berdimuhamedov "The Neutrality of Turkmenistan: The Bright Path of Peace and Trust" became a special gift to people.

The National Anthem of Turkmenistan was performed.

Then the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs Rashid Meredov gave a speech.

He emphasized the importance of this socio-political event and noted that 2025 was a significant milestone in the history of present Turkmenistan, strengthening the principles of its statehood, as well as political, economic and social development.

Due to large-scale work of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Hero Arkadag and President Serdar Berdimuhamedov, the year 2025 has been marked by great successes and achievements in the national and foreign policy of Turkmenistan.

Jointly with the international community, Turkmenistan widely celebrated the historic date - the 30th anniversary of the permanent neutrality of the country.

In his speech, Rashid Meredov emphasized that this holiday coincided with two important occasions - the International Year of Peace and Trust, proclaimed by the UN General Assembly upon the initiative of Turkmenistan, and the 80th anniversary of the founding of the United Nations. These three significant dates are interconnected, are of great significance and have a deep practical meaning.

"Today, we can confidently say that incredible work has been done to promote neutrality as the basis for peacemaking and political dialogue in resolving complex issues. As a result, we see that the world has become more aware of the importance of our neutrality and its role as a key factor in security, peace and sustainable development", said Rashid Meredov.

It was also noted that this year, the UN General Assembly unanimously adopted a number of resolutions initiated by Turkmenistan with the participation of numerous of UN Member States as co-sponsors. These include the resolution "Permanent Neutrality of Turkmenistan" as well as resolutions on cooperation in such important fields as energy and transport.

In this regard, the Minister of Foreign Affairs highlighted the General Assembly resolutions adopted on 15 December 2025, "The Key Role of Reliable and Stable Energy Connectivity in Ensuring Sustainable Development" and "The United Nations Decade of Sustainable Transport (2026-2035)".

At the same time, it was noted that Turkmenistan has proven itself as an active partner in regard to other international organizations and structures, such as the Organisation of Economic Co-operation, the Organisation of Islamic Cooperation, the Organization of Turkic States and the Commonwealth of Independent States.

In this context, particular attention was paid to Turkmenistan's interaction with neighbouring countries, in particular within the framework of the Consultative Meetings of the Heads of State of Central Asia. It was noted that at the seventh meeting in this format, held in November of current year, the participating countries unanimously supported the proposal of the Turkmen side to invite brotherly Azerbaijan to these meetings as a full member.

Turkmenistan also participated effectively in the Central Asia + dialogues, which included meetings with the People's Republic of China, the Russian Federation, the United States of America, Japan, the European Union and the Italian Republic.

It is important to note that a delegation from Turkmenistan led by President Serdar Berdimuhamedov visited New York in September this year and took part in the session of the General Assembly.

In 2025, Turkmenistan hosted a number of major international events as part of its

*(continuation on the 3rd page).*

# EVENT OF SOCIO-POLITICAL SCOPE ENTITLED «INTERNATIONAL YEAR OF PEACE AND TRUST:

## STEADFAST STEPS OF NEUTRAL TURKMENISTAN» WAS HELD IN ASHGABAT




*(beginning on the 2nd page)*

open door policy. These included the Third United Nations Conference on Landlocked Developing Countries and the International Conference on "The Role of Women in Modern Society: Developing International Cooperation to Achieve the Sustainable Development Goals".

The main political event of the current year was the International Forum held in honour of the International Year of Peace and Trust, International Day of Neutrality and the 30th anniversary of Turkmenistan's permanent neutrality. It was attended by representatives of tens of countries and international organizations, including heads of state, government and parliament. This International Forum was a large-scale and significant event on the global political and diplomatic agenda, and the Ashgabat Declaration adopted upon its outcomes is a strategically important document.

The Minister of Foreign Affairs emphasized the essence of the initiative "Peace through Development" put forward by Hero Arkadag on the UN platform back 10 years ago, which set unbreakable link between the goals of successful socio-economic development, humanism and peace, as well as mutually beneficial cooperation.

Developing the path of peacemaking, in December 2021, the National Leader of the Turkmen people proposed to develop a new present time concept of interstate relations naming it as the "Dialogue - a Guarantee of Peace".

Continuing this constructive course, President Serdar Berdimuhamedov officially presented the initiative to the United Nations: to declare 2025 as the "International Year of Peace and Trust" which was fully supported by the General Assembly.

In his speech, Rashid Meredov focused on the Turkmen model of neutrality. He emphasized that Turkmen neutrality is gaining a new, very clear global significance, meaning and support, becoming an important, influential and identifiable factor in the development of international politics.

Turkmenistan has been able to demonstrate to the world community that neutrality is not just the official status of an individual state. Neutrality is a special approach towards oneself and other peoples as a whole, as a family of humanity. Despite the difficulties that arise, peace, harmony and respect must reign in such a family.





Turkmenistan has proven in practice its readiness to direct its neutrality towards achieving these important goals and serving humanity, to apply its status in the interests of development and the well-being of all states and peoples.

The Permanent Representative of Turkmenistan to the United Nations, Hero of Turkmenistan Aksoltan Atayeva, Representative of the United Nations Children's Fund in Turkmenistan Jalpa Ratna, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the United States of America to Turkmenistan Elizabeth Rood, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Federal Republic of Germany to Turkmenistan Bernd Heinze, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Republic of Uzbekistan to Turkmenistan Ravshanbek Alimov, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Islamic Republic of Iran to Turkmenistan Ali Mojtaba Rouzbahani, resident of Vekilbazar district of Mary region Begmuhammet Hojaberdiyev, lecturer of the International University of Humanities and Development Chemen Vekilova, as well as the student of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan Orazmyrat Sahetmyradov gave speeches at the event.

All speakers highlighted the great success of all events held during the International Year of Peace and Trust under the wise leadership of the President of Turkmenistan, as well as the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Hero Arkadag.

The call for peace, dialogue and mutual respect, which is an integral part of Turkmenistan's foreign policy based on the principles of permanent neutrality was crowned with great success.

Then the ceremony of awarding the heads of diplomatic missions of foreign states and international organizations accredited in Turkmenistan, as well as citizens of Turkmenistan with the medal of Turkmenistan "Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna" (Dedicated to the 30th Anniversary of Turkmenistan's Neutrality) and a memorable silver coin was held.

Addressing the audience, the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs Rashid Meredov noted that deeply meaningful speeches about the permanent neutrality of Turkmenistan, the practical application of the principles of neutrality and preventive diplomacy, including the importance of a culture of peace, trust and dialogue were heard at this festive event entitled «International Year of Peace and Trust: Steadfast Steps of Neutral Turkmenistan».

It was underlined that the anniversary year 2025, declared as the "International Year of Peace and Trust" by a special Resolution of the United Nations General Assembly, is marked by events of historical significance. This year, the 30th anniversary of Turkmenistan's permanent neutrality is being widely celebrated at the international level - a significant date for both Turkmenistan and the whole world community.

On behalf of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Hero Arkadag and President of Turkmenistan, the Minister of Foreign Affairs thanked everyone for the active participation in international events held this year and expressed confidence that the coming year 2026 will be a year of progress and new successes for our Motherland.

Addressing the heads of diplomatic missions of foreign states and international organizations accredited in Turkmenistan, Rashid Meredov expressed gratitude on behalf of Hero Arkadag for their contribution to strengthening relations between Turkmenistan and the states as well as institutions they represent.

This event was a vivid demonstration of the triumph of Turkmenistan's initiatives to ensure peace and develop effective cooperation.

The results of the International Year of Peace and Trust confirmed that the constructive proposals of President Serdar Berdimuhamedov and Hero Arkadag are widely supported by the international community.

The high achievements of this year have opened a new page in the history of national diplomacy, significantly strengthening the standing of Turkmenistan, which is confidently following the path of progress and prosperity as a center of peacemaking.

# В ИНСТИТУТЕ МЕЖДУНАРОДНЫХ ОТНОШЕНИЙ МИД ТУРКМЕНИСТАНА СОСТОЯЛАСЬ ПРЕЗЕНТАЦИЯ КНИГИ ГЕРОЯ-АРКАДАГА «HAKYDA GÖWHERI» НА АЗЕРБАЙДЖАНСКОМ ЯЗЫКЕ

22 декабря 2025 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана состоялась презентация издания книги Национального Лидера туркменского народа, Героя-Аркадага «Hakyda göwheri» на азербайджанском языке.

В мероприятии приняли участие руководители и сотрудники МИД страны, главы и представители дипломатических миссий и представительств международных организаций, аккредитованных в Туркменистане, руководители дипломатических представительств и консульских учреждений Туркменистана за рубежом, профессорско-преподавательский состав и студенты института, а также представители СМИ.





В ходе презентации выступили заместитель министра иностранных дел Туркменистана Махри Бяшимова, Чрезвычайный и Полномочный Посол Азербайджанской Республики в Туркменистане Гисмат Газалов, Председатель Комитета Меджлиса Туркменистана по социальной политике, Председатель туркменской части Туркмено-азербайджанской межпарламентской группы дружбы Аннамухаммет Сарджаев, ректор Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана Гульшат Юсупова, Научный секретарь Института языка, литературы и национальных рукописей имени Махтумкули Академии наук Туркменистана, кандидат исторических наук Какаджан Джанбеков. Ведущим мероприятия выступил проректор Института международных отношений Бегенч Мятлиев.

В своих выступлениях участники отметили, что публикация книги Национального Лидера туркменского народа «Hakyda göwheri» на азербайджанском языке является очередным подтверждением всестороннего укрепления и развития традиционно дружественных туркмено-азербайджанских отношений.

Особо отмечалось, что произведение Героя-Аркадага, основанное на исторических фактах, ярко раскрывает славный путь туркменского народа, его вклад в мировую культуру и духовное наследие великих личностей. Подчёркивалась и научная ценность книги как источника по изучению древней огузской литературы.

Участники мероприятия выразили уверенность, что издание «Hakyda göwheri» на азербайджанском языке станет значимым вкладом в развитие культурного диалога, популяризацию богатой истории Туркменистана и позволит азербайджанским читателям глубже познакомиться с духовным наследием туркменского народа.

# «GÜNÜŇ DOGÝAN ÝURDY» BILEN HYZMATDAŞLYK

Geografik taýdan Gündogar Aziýada ýerleşýän, 6800 çemesi adalary özine birikdirýän, «Günüň dogýan ýurdy» ady bilen tanalýan Ýaponiýa öziniň ýokary derejede ösen ykdysadyýeti we işjeň daşary syýasaty bilen dünýäde uly abraýa eýedir. Giň diplomatik ulgama eýe bolan Ýaponiýa häzirki wagtda dünýäniň 191 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Ýaponiýada çig mal we energetika çeşmeleri ýetmezçilik edýändigi sebäpli, bu tebigy baýlyklaryň ägirt gorlaryna eýe bolan sebitler bilen işjeň diplomatik gatnaşyklary alyp barýar. Merkezi Aziýa dünýäde çig mal we energetika çeşmelerine baý sebit hasaplanýar. Şol sebäpden, Ýaponiýa üçin Merkezi Aziýa döwletleri bilen, aýratynam Türkmenistan bilen ýygjam gatnaşyklary alyp barmak bähbitlidir.

1992-nji ýylyň 22-nji aprelinde Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. 1994-nji ýylda döredilen Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-ýapon komiteti iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň berkemegine ýardam edýär. Şu wagta çenli onuň birnäçe mejlisleri geçirildi. Olaryň işine halkara hyzmatdaşlygy boýunça «Dži-Bi-Aý-Si» atly ýapon bankynyň, daşary söwda guramasynyň (JETRO), «Itochu», «Mitsubishi», «Murabeni», «Misui», «Komasu», «Džeý-Dži-Si» kompaniýalarynyň wekilleri işjeň gatnaşýarlar. 2005-nji ýylyň başynda Aşgabatda Ýaponiýanyň Türkmenistandaky, 2013-nji ýylyň birinji ýarymynda bolsa Tokioda Türkmenistanyň ilçihanasy açyldy.

Döwletara gatnaşyklary ösdürmekde ýokary derejedäki duşuşyklara we özara saparlara möhüm orun degişlidir. Gahryman Arkadagymyzyň 2009-njy, 2013-nji, 2015-nji, 2019-njy we 2022-nji ýyllarda Ýaponiýa amala aşyran saparlarynyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga we ony many-mazmun taýdan baýlaşdyrmaga ýardam berdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Ýaponiýa ilkinji sapary 2025-nji ýylyň 13-15-nji aprelinde boldy. Döwlet Baştutanymyz saparyň çäklerinde Osaka şäherinde «EKSPO − 2025» Bütindünýä sergisiniň açylyş dabarasyna gatnaşdy, şeýle hem Tokio şäherinde Imperator Naruhito, şol wagtky Premýer-ministr Sigeru Isiba bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi. 2015-nji ýylyň 22-24-nji oktýabrynda bolsa Ýaponiýanyň şol wagtky Premýer-ministri Sindzo Abe Türkmenistanda resmi saparda boldy. Şeýle ýagdaýda üns çekmeli zatlaryň biri, Ýaponiýanyň şeýle derejeli döwlet ýolbaşçysynyň Türkmenistana ilkinji resmi saparydy. Amala aşyrylýan şeýle ýokary derejeli saparlaryň dowamynda iki tarapyň hem döwlet ýolabşçylaryna ýokary döwlet sylaglary gowşuryldy. 2015-nji ýylda Gahryman Arkadagymyza, 2025-nji ýylda Arkadagly Gahryman Serdarymyza Sukuba uniwersitetiniň Hormatly doktory akademiki derejesi berildi. 2015-nji ýylda Sindzo Abe Magtymguly adyndaky TDU-nyň Hormatly professory, 2019-njy ýylda bolsa Gahryman Arkadagymyza Hirosaki uniwersitetiniň Hormatly doktory diýen alymlyk derejesi berildi.



Ýangyç-energetika, ulag-kommunikasiýa, suw hojalygy pudaklary türkmen-ýapon hyzmatdaşlygynda ileri tutulýan ugurlar bolmagynda galýar. Ýaponiýanyň belli «Itochu» kompaniýasy Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň abatlanylmagyna we döwrebaplaşdyrylmagyna işjeň gatnaşdy. 2014-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Maryda Ýaponiýanyň «Kawasaki» we «Sojits» kompaniýalarynyň gatnaşmagynda kuwwaty ýylda 400 müň tonna ammiak we 640 müň tonna karbamid bolan zawodlar toplumy ulanmaga berildi. 2018-nji ýylda bolsa «Kawasaki» kompaniýasynyň gatnaşmagynda Gyýanly şäherçesinde sebitiň iri Gaz-himiýa toplumy açyldy.

Türkmen–ýapon gatnaşyklary medeni-ynsanperwer ugurda hem ösdürilýär. Birnäçe ýyllardan bäri, Ýaponiýanyň Türkmenistanda, Türkmenistanyň Ýaponiýada medeniýet günleri geçirilýär. Aşgabatda Ýaponiýanyň ikebana – janly güllerden çemen bogmak sungatynyň görkezilişi yzygider guralýar. 2007-nji ýylda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda ýapon dili hünäri girizildi. 2016-njy ýylda Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti bilen birlikde ýapon-türkmen orta mekdebi açyldy. Bu ýokary okuw mekdebiniň özinde hem ýapon dili öwredilýär. Şol ýylda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde ýaponiýanyň medeniýet-bilim merkezi açyldy. 2016-njy ýyldan başlap Tokionyň daşary ýurt dilleri uniwersitetinde türkmen dili okadylyp başlandy. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hem ýapon dili ikinji daşary ýurt dili hökmünde indi birnäçe ýyllardan bäri öwrenilýär. Türkmen ýaşlary dostlukly gatnaşyklary berkitmek boýunça «MIRAI» ýapon maksatnamasyna işjeň gatnaşýarlar, ol tutuş dünýäden talyplary birleşdirýär hem-de olara ylmy-barlaglaryň dürli amaly görnüşlerinde gymmatly tejribe alyşmaga mümkinçilik berýär.

Tutuş dünýäniň globallaşýan wagtynda döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlyklaryň ösdürilmegi döwrüň talabydyr. 2025-nji ýyl − «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» Türkmen-Ýapon gatnaşyklary täze derejä çykdy. «Merkezi Aziýa+Ýaponiýa» dialogynyň alnyp barlyşynda hem uly öňdegidişlikler gazanyldy. Munuň aýdyň mysaly formatyň 20 ýyllygynyň çäklerinde 2024-nji ýylyň awgustynda Gazagystanda Prezidentleriň derejesinde Sammit geçirmek meýilleşdirilipdi. Emma Ýaponiýada şol döwür bolup geçen weýrançylykly ýertitremesi zerarly duşuşyk yza süýşürilipdi. 2025-nji ýylyň 2-nji dekabrynda bolsa Ýaponiýanyň Liberal demokratik partiýasynyň ýygnagynda Sammitiň 20-nji dekabrda Döwlet Baştutanlarynyň derejesinde geçiriljekdigi barada mälim edildi. Geçiriljek uly göwrümli duşuşyk Döwlet Baştutanlary derejesinde «Merkezi Aziýa+Ýaponiýa» dialogynyň çäklerinde geçiriljek ilkinjisi bolar. Mundan ozal 20 ýylyň dowamynda dialog diňe ministrler derejesinde geçirildi.

«Merkezi Aziýa+Ýaponiýa» dialogy Ýaponiýanyň Türkmenistan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Gazagystan we Özbegistan bilen hyzmatdaşlygy üçin möhüm meýdançadyr. Bu dialog döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary berktimäge, tejribe alyşmaga we bilelikdäki taslamalary amala aşyrmaga ýardam eder.

***Rahym AKMURADOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň mugallymy.***